# Üçekde däli bar! / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Üçekde däli bar! / satiriki hekaýa ÜÇEKDE DÄLI BAR!




Mähelle aýaga galdy:
– Üçekde däli bar!
Köçäniñ ugry däliniñ bolşuna tomaşa etmek üçin gelenlerden doldy. Ilki polisiýanyñ daýanç nokadyndan, soñ polisiýa müdirliginden awtoulagly poliseýler geldi. Yzysüre ýangyn söndüriji gullugyñ işgärlerem gelip ýetişdi.
Däliniñ ejesi:
– Balam, oglum, düş aşak!.. Düşäýsene balajygym!.. – diýip ýalbarýardy.
Däli:
– Arçyn etmeseñiz, özümi aşak zyñaryn! – diýýärdi.
Ýangyn söndüriji gullugyñ işgärleri däli özüni aşak zyñsa gapmak üçin brezendi açyp gerip goýdular. Dokuz ýangyn söndüriji bir ujundan tutup tutan brezentlerini jaýyñ dört ýanyna süýräp ýörmekden ýadady.
Komissar:
– Haýyş edýärin, doganjygym, düş aşak! – diýip ýarym

gorkuzyjy, ýarym ýalbaryjy äheňde dälini raýyndan gaýtarmaga synanyşýardy.
– Meni arçyn saýlaň, düşeýin! Yogsam özümi aşak zyňaryn!
Ýalbaranyňa-ýakaranyňa, gorkuzanyňa gulak asmady.
– Doganjygym, nätdiňaý muny… Hany, bol, düşsene aşak!
– Bulara seret!… Meni aşak düşürjek bolup durman, özüňiz ýokaryk çykaýsaňyzlaň…
Köpçülikden biri:
– Arçyn saýladyk diýsek näder? – diýdi.
Başga biri:
– Bolmaz-ow, bolmaz! – diýdi. – Heý, dälidenem bir arçyn bolarmy!
– Hudaý saklasyn… Çyndan arçyn etjek bolup duramzog-a…
Hasasyna söýenip duran bir goja:
– Bolmaz – diýdi. – Çyndanam, ýalandanam, oýundanam etseňiz, bolmaz.
– Belkäm, düşer…
– Düşmez. Men bulary gowy tanaýan. Bir gezek ýokary çykansoňlar, öldürseňem aşak düşmezler.
– Ilki aşak bir düşsün, soň bir alajy bolar-la!
– Düşmez diýdim, düşmez!
Aşakdan biri:
– Seni arçyn belledik! – diýip gygyrdy. – Hany, düş indi aşak!
Däli bökjeklemäge başlady:
– Düşmerin! Şäher mejlisine agza saýlamasaňyz, özümi aşak zyňaryn.
Goja ýanyndakylara:
– Nätdi? – diýdi. – Men size aýtmadymmy näme?
– Näme diýse edäýeliň-le.
– Näme etseňizem düşmez, adam bir gezek üçege çykarlyk derejede däliredimi, bolany. Soň hiç aşak düşmez.
Komissar:
– Saýladyk – diýip gygyrdy. – Seni şäher mejlisiniň agzalygyna saýladyk. Hany, indi doganjygym aşak düş, dostlaryňy garaşdyrma!.. – diýdi.
– Düşjek däl! Şäher sowetiniň başlygy ediň, düşeýin!
Goja:
– Gördüňüzmi? – diýdi. – Size geregem şu. Ind-ä hiçem düşmeýär.
Garadere batan ýangyn söndüriji işgärleriň başlygy:
– Şäher sowetiniň başlygy edende üýtgejek zat barmy, edeliň-de

dynalyň – diýdi. Soňra iki elini agzyna tutup, surnaýda gygyrýan ýaly gygyrdy: – Düş, doganjygym!.. Seni şäher sowetiniň başlygy wezipesine belledik. Aşak düş-de işiňe başla!
Dälini bilini oýnadyp:
– Düşäýmen asyl – diýdi. – Gezip ýören dälini şäher sowetiniň başlygy edip bellänleriň arasynda näme işim bar? Düşjek däl!
– Ýeri, näme isleýäň onda?
– Ministr etseňiz, düşerin!
Aşakdakylar az wagtlyk gürrüňleşip duranlaryndan soň:
– Ýeri bolýa – diýdiler. – Seni ministrem etdik! Hany, indi düş aşak!.. Düş… seret, hemmeler saňa garaşýar.
Däli başam barmaklary bilen burnuny ýapyp, beýleki barmaklaryny oýnatdy:
– Düşjek däl-aý! Bir telbäni ministr edenleriň arasyna düşer öýdýäňizmi!..
– Ana, doganjygym, seni ministrem etdik, beýleki ministrler saňa garaşyp dur. Bol, düş!..
– Ýagy kowalaýarmy yzyňyzdan, ynha düşerin welin, meni dälihana dykarsyňyz siz! Düşemok!..
Goja:
– Biderek janykýarsyňyz, düşmez ol indi! – diýdi. – Men bu dälileri gowy tanaýan-a. Sizi ministr etsinler, siziňem düşesiňiz gelmez.
Däli bogazyny ýyrtaýjak bolup gygyrýardy:
– Premýer-ministr etmeseňiz aýagymam ätjek däl, özümi aşak zyňaryn!
– Etdik-how, etdik!.. – diýip gygyrdylar. – Seni premýer-ministrem etdik.
Goja:
– Şonda-da düşmez! – diýdi.
Däli ýene aýnap başlady. Soňra:
– Patyşa etjek diýseňiz-ä, düşeýin! – diýdi. – Patyşa etmejek bolsaňyz, özümi aşak oklaryn.
Gojanyň aýdanlarynyň barsy dogry bolup çykdy. Oňa sala saldylar:
– Näme diýýäňiz? Patyşa edeliňmi?
Goja:
– Suw seňrikden agdy- diýdi. – Indi ol näme diýse etmeli borsuňyz. Bir gezegem bolsa, eýtdi-beýtdi premýer-ministr-ä boldy.

– Seni patyşa saýladyk, gardaş! – diýip gygyryşdylar. – Hany indi, düş-dä senem aşak!..
Üçekde bolmajyny bolan däli:
– Düşjek däl! – diýdi.
– Näme isleýäň? Patyşa-da etdig-ä seni!
– Ha-ha… Düşemok, imperator ediň, düşeýin. Ýogsa-da özümi aşak zyňaryn.
Goja:
– Etmeseňiz zyňar özüni – diýdi.
– Etdik! – diýip gygyrdylar – Seni imperatoram etdik. Bol, indi düşsene aşak!
Däli:
– Siziň ýaly tentekleriň arasynda men ýaly imperatoryň näme işi bar? – diýdi.
– Ýeri bolýa-la, başga näme isleýäň? Diliň gürlesin, biz edeli şony. Düşäýsene indi doganjygym!
Üçekdäki däli:
– Men imperatormy indi? – diýdi.
Aşakdan gygyryşdylar:
– Hakyky imperator sen!!
– Eger imparator bolýan bolsam, islesem düşerin, islemesem düşmerin… Içiňiz ýansa-da düşemok. Öläýiň!
Komissaryň gahary geldi:
– Zyňýan bolsa zyňyp dynsyn-aý, behh!… Hamana bir dälisi kemeljekmiş-dä dünýäniň!.. – diýip, oýlandy.
Oýlandy oýlanmasyna, emma ol özüni zyňsa komissaryň kellesini agyrdaýmaklary daşda däldi. Ýangyn söndüriji gullugyň başlygy gojadan:
– Indi näme ederkäk? – diýip sorady. – Bu däli, heý, aşak düşjek dälmikä?
– Düşer.
– Nädip?
– Duruň häzir, men düşüreýin!
Märeke gojanyň dälini nädip aşak düşürjegini gaýgy edýärdi. Goja üçekdäki dälä:
– Imperator hezretleri!.. – diýip gygyrdy. – Ýogsa-da size altynjy gata çykmagyňyzy towakga etsem kyn görmersiňiz-ä?
Däli çyny bilen ýüz-gözüni çytyp:
– Ýeri bolýa-da – diýdi.
Ol üçege çykylýan ýerden içerik girdi. Basgançaga düşdi. Altynjy gatyň penjiresinden märekä seretdi. Goja:

— Serim size sadaga!… Bäşinji gata çykasyñyz gelenokmy? — diýip sorady.
Däli:
— Düşäýerin! — diýdi.
Hemmeler haýran galdy. Goja dördünji gatyñ penjiresinden köpçüligi synlaýan dälä:
— Çuññur hormatlanýan imperatorym, ýogsa-da, size, üçünji gata çykmagyñyzy haýyş etsem bolarmyka? — diýdi.
Däli:
— Bolar, elbetde! — diýip, jogap berdi.
Däli indi üçünji gatyñ penjiresiniñ öñündedi. Ol indi bilini oýnadanokdy, aýnanokdy. Özüni hakykatdanam patyşa ýaly alyp barýardy:
— Mähriban imperatorymyzyñ ikinji gata çykasy gelenokmyka?
— Isleýärin.
Ol ikinji gata-da düşdi.
— Onuñ alyjenaplary birinji gata çykasy gelenokmyka?
Däli köçä inip, köpçüligiñ arasyna goşuldy. Göni gojanyñ ýanyna bardy. Elini gojanyñ egnine goýup:
— Häk, ýaşok! — diýdi. — Seniñem däli bolanyñ belli… Däli däliniñ ýagdaýyna gowy düşünermiş.
Soñra komissara ýüzlenip:
— Ýör, bakaly. Şindi meni dañ-da, dälihana ýolla — diýdi. — Dälä nähili çemeleşmeli eken, öwrendiñmi?
Dälini äkidenlerinden soñ, märeke gojanyñ daşyna üýşdi:
— Älhepus, ýaşuly! Nädip oñardyñ bu işi?
Goja:
— Eeee… — diýdi. — Añsat däl, tutuş kyrk ýyllap syýasatyñ içinde ýugrulyp-eýlendik.
Soñra uludan bir içini çekip:
— Ah, ahh!.. — diýdi. — Häzir aýaklarymda rowgat bolsa, menem üçege çykardym, onsoñ meni hiç kimem aşak düşürip bilmezdi…
Eziz NESIN.

Terjime eden: Has TÜRKMEN. Satiriki hekaýalar